

# Mak Gahan

# GAZAWAT URŞY

MAK GAHAN

# GAZAWAT URŞY

***«Oguzlaryň üstüne ýöriş we Hywanyň syndyrylmagy»***

*atly kitapdan bölek*

Elektron görnüşe geçiren:

**«YLYMLY»**

ylymly.com@gmail.com

## GAZAWAT URŞY

*Mak Gahan — «Nýu-Ýork gerald» atly amerikan gazetiniň habarçysy. Ol ruslaryň 1873-nji ýyldaky Orta Aziýa eden ýörişine gatnaşypdyr. Ýörişiň dowamynda gören zatlaryny ol 1874-nji ýylda iňlis dilinde neşir edilen «Oguzlaryň üstüne ýöriş we Hywanyň syndyrylmagy» atly kitabynda beýan edipdir. Size hödürlenýän aşakdaky ýazgylar şol kitapdan bir parça.*

## TÜRKMENLER

Türkmenler Orta Aziýanyň iň edermen, urşujy halkydyr. Olar Buhara bilen Hazaryň aralygynda mekan tutup, gündogarda Owganystana günortada bolsa Parsystana çenli ýaýrapdyrlar. Kaspi deňziniň kenarynda ýaşaýan türkmenler balykçylyk, gündogar-demirgazyk türkmenleri bolsa dowardarçylykdyr iri şahly mallary idetmek bilen meşgul.

Hywa hanlygynda türkmenleriň alty taýpasy ýaşaýar. Ol ýerde ýemrelileriň iki müň bäş ýüz, çowdurlaryň üç müň bäş ýüz, garadaşlylaryň iki müň, garajalaryň bir müň bäş ýüz, alilidir gökleňleriň bir müň bäş ýüz, ýomutlaryň on bir müň öýlüsi — jemi ýigrimi iki müň öýli türkmen bar. Her öýde bäş jan bar diýip hasap

edeninde-de, olaryň sany ýüz on müň adama ýetýär.

Boýun egmezek halk bolan türkmenler hiç wagt hem kadaly dolandyrylýan döwletiň raýaty bolmandyrlar. Olar hanlara, emirlere boýun egenlerinden ölenlerini gowy görýärler. Her taýpa maşgala ýa garyndaşlyk gatnaşyklary esasynda kiçeňräk böleklere bölünýär. Olara ýaşulular ýa-da serdarlar ýolbaşçylyk edýär. Olarda halk geňeşinden birugsat halkyň ykbalyny kesgitleýän ýa-da dawa-jenjelleri çözüp bilýän dolandyryjy toparlardyr syýasatçy ýok. Dogry, serdarlaryň käbir jedelleri çözmäge hukugy bar. Ýöne olar mejbur ediji kanunlary kabul edip bilmeýär. Türkmenleriň arasynda erbetlik we oňatlyk barada örän aýdyň düşünje bar. Halk geňeşi bolsa şol düşünjä hemmeleriň eýermegini gazanýar. Şol sebäplem olaryň arasynda dawa-jenjeller örän seýrek ýüze çykýar.

Hywa hany hiç wagt türkmenleri öz erkine tabyn edip bilmändir. Onuň türkmenleri boýun egdirmäge eden synanyşyklarynyň bary şowsuz tamamlanypdyr. Hanyň türkmenleriň üstüne ýörişi, adatça, aşakdaky ýaly görnüşe eýe bolupdyr. Ol goşun ýygnap, türkmenleriň üstüne gidipdir. Şol gidişine-de türkmenleriň ýaşaýan ýerleriniň golaýragyndaky howpsyzrak ýerde goş ýazdyryp, berk goralýan berkitme gurupdyr.

Türkmenler bada-bat onuň üstüne çozupdyrlar ýa-da berkitmäniň daşynda at salyp ýörüşlerine gykylyklap, myltyklaryndan ot atyp, oňa wehim salypdyrlar, öz berkitmelerinden çykmaga ýürek eden iki-ýeke han adamlaryny öldüripdirler. Han jogap edip, olary top okuna tutupdyr. Ýöne türkmenler ol oklardan gaty ujypsyz zyýan çekipdir. Han öz berkitmesinden hiç wagt çykmansoň, oňa edilýän hormatam çäkli bolupdyr. Onuň türkmenleri boýun egdirjek bolmaga synanyşygy, tersine, hanyň olara boýun egmegine getiripdir. Şeýle wakalar birnäçe hepdäniň dowamynda gaýtalanypdyr. Türkmenler ol wakalardan lezzet alyp, hanyň gelmegi olar üçin baýramçylyga öwrülipdir. Hanyň ok-däri, azyk ätiýaçlygy azalanda ol bar niýetini puja çykarýan ylalaşyk baglaşyp, uly dabara bilen paýtagtyna dolanypdyr, türkmenler onuň goş basan ýerlerini aňsatlyk bilen gaýdyp alypdyr.

Hanyň türkmenler bilen ylalaşykda ýaşamagynyň köp sebäbi bar. Türkmenler hana raýat bolmasalaram, onuň başga halklary tabynlykda saklamagyna höwes bilen kömek beripdirler. Olar paç tölemekden boýun gaçyrsalaram, hany içki we daşky duşmanlardan goramaga mydama taýyn bolupdyrlar. Ruslar Hywa hanlygyna howp salanlarynda diňe türkmenler olaryň

garşysyna çykyp bildi. Hanyň özi aljyraňňylyga düşüp, gaçan mahaly diňe türkmenler uruşmaklaryny dowam etdirdiler. General Werýowkiniň toplarynyň sesinden zähresi ýarylan han şäheri taşlap gaçanda, golasty hyzmatkärleri bolsa oňa göwünlik edende, hanyň tagtyny öz dogany eýelände, ol diňe türkmenleriň arasynda özüne gaçybatalga tapdy. Ýöne kyn ýagdaýa düşen mahaly özüne eden hyzmatlaryny, olaryň wepalylygyny, mertligini unudyp, han türkmenleri kanuna boýun egmeýän garakçy adamlar hökmünde ruslaryň öňünde aýyplady. Uruş mahaly ruslara ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak üçin geçirilen gepleşikler mahalynda han türkmenleriň hiç mahal oňa salgyt tölemändigini, indem tölemejekdiklerini, özüniň hökümininiň olara ýöremeýändigini bahanalap, türkmenleriň paýyny tölemekden boýun gaçyrdy. Ondan başga-da, öz toplaryny gaýdyp almak üçin han türkmenleri artilleriýasyz tabynlykda saklap bilmejegini, tagtynda rahatlyk tapmajagyny aýtdy. Kaufman şäher boýun egdirilende olja alnan 18 ýa-da 19 topy ulanman, hana gaýtaryp berdi. Bu bolsa ruslaryň özlerine göwünleriniň ýetýändigini görkezýärdi. Hanyň gürrüňini diňlän Kaufman türkmenlerden uruş salgydyny özi ýygnamagy ýüregine düwdi.

Ol ýomutlardan iki hepdäniň içinde 300000 manat ýa-da 41000 fund sterling möçberinde harby töleg talap etdi. Gysga wagtyň içinde beýle köp mukdardaky salgydy töläp bilmejekdikleri sebäpli, özlerine berlen möhletiň uzaldylmagyny sorap, türkmenler Kaufmanyň üstüne ilçi ýolladylar. Ýöne Kaufman niýetinden dänmedi. Ol türkmenleriň üstüne ýöriş etmäge taýynlyk görüp başlady.

Onuň bu gelen karary öz ofiserleriniň birnäçesi tarapyndan berk tankyt edildi. Olar türkmenleriň beýle gysga wagtyň içinde onça salgydy töläp bilmejekdiklerine Kaufmanyň özüniňem akylynyň çatýandygyny, ýöne onuň hanyň aldawyna düşüp, onuň türkmenleri boýun egdirmek üçin guran pirimindäki ýönekeýje ýaraga öwrülendigini aýtdylar. Ofiserleriň pikirine görä, türkmenler öz beren sözlerini hana garanda has gowy ýerine ýetirýärler...

Men bu pikirleriň käbiri bilen ylalaşmaýaryn. Meniň pikirimçe, Kaufman hana özüni aldatman, ýagdaýa görä hereket edýär. Her näme-de bolsa, ol türkmenleriň salgyt tölejekdiklerine, şonuň ýaly-da, geljekde ruslar bilen gowy gatnaşykda boljaklaryna ynam etmeýär. Onuň pikirine görä, türkmenleri mazaly mynjyradýançaň, olaryň uruşmajakdygyna bil baglap bolmaz.

Türkmenlere ýowuz daramak bilen, ol özbeklere göz görkezjek bolýar. Kaufmanyň beýle karara gelmeginiň başga-da bir sebäbi bar. Türkmenleriň garaşsyzlygyny janyndanam eý görmegi, Russiýa hökümetiniň ýek ýigrenýän zady. Garaşsyzlyga ymtylýan beýleki halklara-da sapak bolar ýaly, türkmenleri bir hökümdara, iň bolmanda, Hywa hanyna boýun egdirmek hökmandy.

Meniň pikirimçe, Kaufman ýalňyşypdy. Türkmen halkyny özüne ýakynlaşdyrmak Russiýanyň diňe bähbidine bolardy. Türkmenler başarjaň gaýduwsyz, şol bir wagtyň özünde-de ynsanperwer halk. Muhammet hanyň ters düşünjesinden, ýigrenjinden, kemsitmek isleginden eýmenmeýän türkmenler Orta Aziýada eden ähtine ynanyp boljak ýeke-täk halk.

Kaufmanyň türkmenlere bolan gatnaşygynyň nähilidigine garamazdan, onuň bir hereketini aklap bolmaz. Onuň bilen gepleşik geçirmäge gelen on iki türkmeni ol ýesir aldy. Dogry, olar soň yzyna-da goýberildi. Ýöne ylalaşygyň bolmajagyna türkmenleriň düşünmegi üçin, olar birnäçe wagt türmede oturmaga mejbur boldular.

# ÝALYN WE GYLYÇ

Kaufmanyň ýok etmek isleýän ýomutlary Hywa hanlygyndaky türkmenleriň iň güýçli we köp adamly tiresi. Olar on bir müň öýli bolup, hanlykdaky beýleki türkmen tireleriniň adam sanyna deňdir. Hywa syndyrylandan bäş hepde soň, ýagny 19-njy iýulda general-maýor Golowaçýowyň ýolbaşçylygy astynda pyýada goşunyň sekiz rotasy, kazaklaryň sekiz ýüz atlysy, on top, iki mitraleza bilen ýaraglanan raketaçylar batareýasy Hywadan çykyp, ýomutlaryň ýurdy bolan Gazawada tarap ýola düşdi.

...Goşun egrem-bugram darajyk ýollar bilen Hywadan on alty mil uzaklykdaky Gazawat kanalynyň kenaryna ýetip goş ýazdyrdy. Soň görüp otursak, biz kanalyň kenarynda däl-de, kanalyň artykmaç suwlaryny bir mil daşlykdaky çöllüge akdyrmak üçin ulanylýan ýabyň kenarynda düşläpdiris. Onuň ini otuz ädim, çuňlugy on ädime golaý ekeni. Kanalyň arassa süýji suwy sagatda bäş-alty mil tizlik bilen akýardy...

...Bu ýerde goşun türkmenler gelip, tölemeli paçlaryny tölärler öýdüp, uzakly gün garaşdy. Meniň göwnüme bolmasa, general Golowaçýow mundan aňryk ýörişi dowam etmek islänokdy ýa-da türkmenlere harby tölegi

tölemegiň urşanyňdan amatlydygyna göz ýetirmäge puryja bermek isleýärdi.

Ýigrimi birine daň bilen goşun ýene-de ýola düşdi. Iki sagat töweregi ýörelenden soň, ýomutlaryň mes toprakly, hemme ýerde çuň ýaplar gazylyp, iki gyrasyna derek ekilen ýurdy başlandy. Kiçeňräk düzlükler gök otlara bürenip otyrdy. Özbeklere garanda, ýomutlar ekerançylyga az üns berýärler. Bu ýerde miweli agaçlar örän az, däneli ekinlerem ekilmeýär diýen ýaly. Onuň tersine, olaryň öri meýdanlarynyň aňyrsyna-bärsine göz ýetenok. Hiç ýerde özbekleriňki ýaly depesi diş-diş bolup duran galalar, özbek obalarynyň alamaty bolan owadan güjüm agaçlary duşanok. Olar atýataklaryny laýdan salnan pessejik jaýlaryna degrip salýarlar. Tomus aýlary bolsa, jaýyň öňündäki bassyrmanyň aşagynda oturýarlar. Şu zatlardan çen tutsaň, olar oturymly ýaşaýşyň artykmaçlyklaryna göz ýetirip ugrapdyrlar. Biz ahyry bir obanyň çetinden girdik. Oba gum-guklykdy. Oba adamlary ýap-ýaňy göçüp giden bolarly. Sebäbi käbir ojaklaryň odam öçmändir. Bu ýerde general goşunyny tükelledi-de ýoluny dowam etdi. Diňe kazaklar goşundan bölündiler-de, obanyň içine ýaýradylar. Soňky bolup geçen zatlar meni doňup galmaga mejbur etdi. Ýap-ýaňyjy hem seleňläp oturan jaýlaryň sypaldan

basyrylan üçekleri, döwlüp ýetişilmedik bugdaý harmanlary ala şatyrdy bolup ýanmaga başlady. Ýalyn gatyşykly towlam-towlam tüsseler asmana göterilýärdi. Men bolup geçýän zatlara has gowy syn etmek üçin, atymyň başyny golaýdaky depä tarap öwürdim. Meniň öňümde eýmenç sahna peýda boldy. Göz açyp ýumasy salymyň içinde ýalyndyr tüsse bar zatlary öz goýnuna dolap alyp, goşunyň barýan tarapyna haýallyk bilen ýaýrap ugrady. Bu başagaýlygyň içinde kazaklar elleri otly kesindili, edil arwahlar ýaly bolup, diwarlaryň, ýaplaryň üstünden atlaryny bökdürip, alakjap ýördüler.

...Bir ýarym sagat töweregi geçenden soň, asman garalyp ugrady. Az salymdanam ýagyş ýagmaga başlady. Tomsuň ortaky aýynda ýagyş ýagmagy öň görlüp eşidilen hadysa däldi. Şeýdibem, öňki pajygaly wakanyň üstüne ýene-de bir ýürekgysdyryjy sahna goşuldy. Ýuwaşja çisňäp ýagýan ýagyş sönüp barýan otlaryň külüni dörjeläp olary öňküdenem güýçli tutaşdyrdy. Asmana ýaýran tüsse aşak — agaçlaryň üstüne çöküp, töweregi içgysgynç tukatlyga gaplady. Ýuwaş-ýuwaşdan bady gowşaýan ýalnyň gan ýaly gyzyl zolaklary indi çugdamlanypdy. Men şuňa meňzeş urşuň ilkinji gezek şaýady boldum. Bu zamanda bular ýaly uruş örän seýrek duşýar.

Goşun tüssä duwlanan egrem-bugram ýol bilen haýaljak öňe süýşüp barýardy. Günortana ýakyn esasy goşunyň öňünden barýan esger gözýetimde bir garanyň görünýändigini habar berdi. Aňyrdan ýetip gelen atlylar ýaňky esgeriň deňinde saklanyp, onuň bilen gürrüňleşmäge başladylar. Olar ruslaryň öz üstlerine sürnüp gelmekleriniň sebäbine düşünmeýändiklerini aýtdylar. Esger olary Golowaçýowyň ýanyna alyp bardy. Türkmenler öz sözleriniň ýer almajakdygyny bilenlerinden soň bolsa: «Biziň sanymyz müňlerçedir. Ruslara edenlerini eginleri bilen çekdireris. Biz indi siziň garşyňyza uruşmagy ýüregimize düwdük. Siziň islegiňiz uruş bolsa, onda bizlik gürrüň gutardy» diýip haýbat atyp, öz ýoldaşlaryna birikmek üçin atlaryny howlukmaçlyk bilen çapdyryp gitdiler.

Rus atlylary söweşe girmäge ýaman hövesekdiler. Goşunyň öňüni çekip barýan urşujylaryň ofiseri söweşe girmäge rugsat sorap, generalyň ýanyna birnäçe gezek çapar ýollady. Ýöne Golowaçýow ikirjiňlenmesini dowam edýärdi. Göwnüme bolmasa, ol henizem harby töleg üçin beren möhlet tamamlanýança, türkmenleriň paç töläp, söweşden gutulmagyna mümkinçilik bermek isleginden dänmedik ýalydy... Birnäçe wagt geçenden soň, türkmenleriň başlaryny gutarmak üçin ýüzlerini

çöllüge tutdurandyklaryny habar berdiler. Öňde-soňda söweşe girmeli bolsa, häzir tüýs wagtydy. Ahyrsoňy kazaklara gaçyp barýanlaryň yzyndan kowmaga rugsat berildi.

Goşun iki topara bölünip, çölüň edil eteginde aýak çekdi. Her ýüz atlynyň depesinde baýdak pasyrdaýardy. Adamlar, hatda atlaram söweşe girmäge höwesek ýalydy. Iki mil töweregi günortarakda bolsa, ulgam-ulgam çäge depelerini depeläp barýan türkmenleriň topary ownukly-irili mallar bilen garyşyp öňe süýşüp barýardy. Adamlaryň sany iki-üç müňe golaýdy. Olaryň arasynda çagalaram, aýallaram göze ilýärdi. Meniň pikirimçe, olar birnäçe mil öňden barýan esasy topardan yza galan bolmaly. Az salymdan olar ýapynyň aňyrsynda gözden ýitdiler.

## GYRLYŞYK

Duşmanyň yzyndan kowmak üçin kazaklaryň alty ýüz atlysy saýlanyp alyndy. Men olaryň arasynda aýlanyp ýörşüme şazada Ýewgeniý bilen ýüzbe-ýüz boldum. Ol meniň bilen mylaýym salamlaşdy-da, öňdäki çaknyşygy synlamagym amatly bolar ýaly, öz atlylarynyň arasyndan ýer berdi. Ýöriş etmäge buýruk

berlen badyna tiz atymyzyň başyny çöllüge tarap öwürdik. Biz on minut çemesi salymdan gaçgaklary ilki gezek gören depämiziň üstünde häzir bolduk. Olar biziň bir mil öňümizden başga bir depeden aşyp barýardylar. Gaçyp barýanlaryň topbagy eýýäm dagap, olaryň arasyna aljyraňňylyk aralaşypdyr. Bar zat buýr-bulaşykdy. Düýelerden, arabalardan, agýan ýükler atlaryň aýagyna çolaşýardy. Gaçgaklaryň dowla düşen topary duşmanyň eline galýardy. Men nämeleriň bolýanyna anyk göz ýetirmek üçin atymyň başyny çekdim. Meniň öň ýanymda agan ýüküň astynda galan türkmen, aňyrrakda bolsa, ýüzi çapylan kazak serrelip ýatyrdy. Olaryň beýleräginde iki sany aýal çagalaryny bagyrtlap, özlerine rehim edilmegini sorap bozlaşýardy. Men olaryň gapdalyndan geçip barşyma: «Aman, aman» diýip, aýallary köşeşdirdim. Olaryň töwereginde döwlen arabalar, halydyr ýorgan-düşek salnan haltalar, ullakan horjundyr ýüp bilen saralan goşlar, okara-çemçelerdir hojalykda ulanylýan her hili zatlar çaşyp ýatyrdy. Goltugy çagaly bir topar aýal bolsa, kynlyk bilen öňe süýşüp barýardy. Meniň enem bilen ýaşytdaş, ýöremäge zordan gurby çatýan dolmuş aýalyňam elinde çaga bardy... Men ilkinji gezek hereketsiz ýatan türkmenleriň sanyndan elheder aldym.

Şol ýatanlaryň hemmesi öli bolýanlygynda, kazaklaryň mergenligine telpek goýaýmalydy. Az salymdan bar zat ap-aýdyň boldy. Men gymyldysyz ýatan türkmenleriň biriniň elini ýerden göterip, şol bada hem aşak goýberenini aňşyrdym. Olaryň köpüsi kazaklaryň gözüne çöp atmak üçin ölen kişi bolup ýatyrdylar. Men birnäçe wagtlap bu sahnany synlanymdan soň beýlekilerden yza galanymy bilip, olaryň yzyndan ýetmäge howlukdym. Pessejik alaňdan aşanymdan soň kazaklaryň batgalygy ikä bölýän gury gerşiň üsti bilen süýşüp barýan türkmenleriň yzyndan ok atyp, kowup barýanlaryny gördüm. Men ýaňky synlan ýerime golaý gelenimde üç-dört adamynyň dem-düýtsüz ýatanyny saýgardym. Ýigrimi-otuz sany aýaldyr çaga-çuga bokurdaklaryna çenli suwa çümüp, kölüň içinde ösüp oturan gamyşdyr otlaryň arasynda gizlenmäge biderek synanyşyk edýärdiler. Olaryň käbiri şol ýerden özlerine rehim edilmegini sorap, gygyryşýardylar. Kazaklar olara ünsem bermän öňe geçip gidipdiler. Ýöne bir ýigrentgi ýoldaşlaryndan yza galyp, atyň üstünde oturan ýerinden gygyryşýanlary nyşana alyp oturan ekeni. Men onuň ýanyna baryp ýetişmänkäm, ol mäşäni gysdy. Hernä onuň atan oky sowa geçdi. Ol ikinji gezek atyp ýetişmänkä, atymy çapdyryp bardym-da,

gamçym bilen ýüzkessir urup, ýoldaşlarynyň yzyndan ýetmegi buýrdum. Men suwuň içinde zähresi ýarylan görgülilere: «Aman» diýip gygyrdymda, onuň yzyna düşdüm. Birdenem öň ýanymda dört sany kazagyň bir türkmeniň daşyna egrilişip duranlaryny gördüm. Ony eýýäm atdan agdaryp, ýaragsyzlandyrypdyrlar. Ol dört atlynyň gylyjyndan diňe elleri bilen goranýardy. Ýöne şonda-da rehim etmeklerini sorap, olara ýüz tutjaga meňzänokdy. Daşyndan seretseň, bu örän aýylgançdy. Kazaklaryň yzly-yzyna inderýän gylyçlary türkmene galtaşanokdam. «Kazaklar ony hijem öldürip bilmezlermikä? Näme olaryň elleriniň ysgyny ýokmuka?» diýen sowallar kellämde at çapýardy. Az salymdan (meniň üçin ýyl aşan ýalydy) ýaňky türkmen boýnuna salnan çuň ýara zerarly gapdala — suwuň içine agyp gitdi. Ýene biraz ýöräp, wepat bolan äriniň üstüne abanyp, sessiz aglap oturan aýalyň üstünden bardym. Birdenem gulagyňy gapyp barýan gümmürdiden ýaňa tasdan atdan agypdym. Top oklary gaçyp barýanlaryň yzky hatarlarynda ýarylýardy. Onuň sesi çagalardyr aýallaryň çirkin sesleri, atlaryň kişňemesi, takyrlaryň içinden eýläk-beýläk ýüwürýän goýun-geçileriň sygyrlaryň sesi bilen garyşyp, töweregi hakyky dowzaha öwrüpdi.

Birnäçe minut geçenden soň top sesi ýatdy.

Türkmenler hersi bir ýana dagap, depäniň aňyrsynda gözden ýitip gitdiler. Şol pursadam goşuny toplanmaga çagyrýan deprek sesi ýaňlandy. Yzyma dolanyp gelýärkäm, mende kölüň içinde galan çagadyr aýallary görmek islegi döredi. Ýöne ol ýerde olaryň birem gözüme ilmedi. Olaryň top sesinden gorkup, suwa gark bolan bolmaklaram mümkindi. Men olary kazaklar öldürendir diýip biljek däl. Sebäbi men ýaş kazak ofiseri baron Krudneriň aýallary öldürmäge synanyşan esgerleri jezalandyranyny öz gözüm bilen gördüm.

Deprekler henizem toplanmaga çagyrýardy, ýaralylar gözlenip, lukman olara tizden tiz kömek berýärdi.

On üç-on dört ýaşly oglanyň kellesi gylyç bilen agyr ýaralanypdyr. Onuň ýanynda gaýgyly, wagşy, teşne gözleri bilen lukmanyň oglunyň ýarasyny daňyşyna seredip duran ejesi bardy. Sada pikirli aýal öz ogluny öldürjek bolan adamlaryň indem ony bejerjekdiklerine gaty bir ynanyp baranokdy. Lukman oglanyň ýarasyny usullyk bilen daňyp, ejesine oglunyň ölmejekdigini aýdan mahaly ol aýal gözlerinden minnetdarlyk ýaşyny döküp, lukmanyň elinden ogşady.

Atlara az salym dynç berleninden soň, kazaklaryň

birnäçesini olja alnan iki müňe golaý goýundyr geçileri, sygyrlary sürmäge ýollap, berkitmä tarap ýola düşdük... Men gyrak-bujaksyz çölüň ortasynda galan adamlara garaba-garaba barýardym. Meniň gözüm gyzydyr ýaralanan ogluna jansyz nazaryny dikip oturan aýala düşdi. Onuň töwereginde ýoga çykarylan ähli baýlygy çaşyp ýatyrdy. Onuň ölen äriniň meýdiniň hem şu töwerekde serlip ýatan bolmagy ahmal.

## URUŞ SAHNASY

Ertesi günem öňümizden çykan ähli zady ýykyp, ýakyp-ýandyryp ýörmegimizi dowam etdirdik. Biziň yzymyzda ýomutlaryň üç mile golaý giňişlikdäki ýerleriniň köräp duran külünden başga zat galanokdy. Men ýakyş hereketine has ýakyndan syn etmek maksady bilen, ýoluň sag tarapyndaky zatlaryň ýakmaga buýruk alan şazada Ýewgeniniň ýanyndan atymy sürüp barýardym. Onuň bu işe höwes bilen topulmaýandygy görnüp duranam bolsa, berlen buýrugy birkemsiz ýerine ýetirýärdi. Buýruk ýakymsyzdy, ýöne bu syrly ýurduň (Russiýanyň) parahatlyk söýüji we düşünjeli adamlarynyň arasynda, megerem, bikanunçylykdan doly ýumşy ýerine ýetirmäge bolan wagşy höwes

oýanypdy. Biz haýatlary böwsüp geçip, öýleriň gapylaryny döwüşdirip, ondan-oňa at çapdyryp ýörşümize her ädimini burum-burum tüssedir ýalna öwürýärdik. Öýleriň içinde galdyrylan zatlar örän seýrek duşýardy. Käwagt ownuk-uşak gap-çanaklar, gaçyp, tozan jüýjeler, lagşan atlar, göçüp gidenleriň yzyna eýgermedik göleler, diwarlaryň ýa-da üçekleriň üstünde tä üstüne ot çabyraýança daş-töwerekde bolup geçýän zatlara göwnüýetmezçilik bilen syn edip oturan pişikler gabat gelýärdi. Taşlanyp, gidilen ýa-da ýaşan öýlerini terk etmäge dözmedik itler örän seýrek duşýardy. Olar biz ýakynlaşyp ugranymyzdan gaharly üýrüşip, gaçyp gidýärdiler. Bir gezek men rehimsiz oduň içinde galyp, gözgyny çyňsaşýan güjük çagalarynyň üstünden bardym. Sagat ikilerde biz on iki mil yzymyzda galan berkitmä tarap gaýtdyk. Ertesi edil düýnki ýaly otly kesindiler bilen ýanaýjak zatlaryň baryny ýakyp-ýandyrmak bilen meşgullandyk. Şeýdip, ýörşümize biz günortana ýakyn Gyzyl-takyr düzlügine gelip ýetdik. Bu giden bir çägeli ýalazy meýdan eken. Birnäçe milden birki sany ýaşaýyş jaýyna duşaýmasaň bu ýerde başga yns-jynsa gözüň düşenok. Töwerek gazylan ýaplardan doly. Olaryň käbirinde henizem suwuň barlygyny nazara alsaň, bir wagtlar bu ýerleriňem bol

hasylly, ekerançylyk üçin amatly bolandygyny çaklamak mümkin. Biziň alyp barýan urşumyz ýaly gazaply uruşlaryň birnäçesi bu ýerleriň bag-bakjalaryny ýele sowrupdyr. Markozow ilkinji gezek türkmen çöüügini kesip geçende şu ýerde düşläpdir.

Biz günortana golaý taşlanyp gidilenine köp wagt geçen bag-bakjaly öýüň golaýynda düşledik. Günorta yssysy beýniňi iýip barýardy. Günüň galan bölegini hem şu ýerde geçirmegi karar etdik. Köp wagt geçmänkä, men bir türkmen oglanjygynyň tutulandygyny eşitdim. Töweregindäki goh-galmagaly piňine-de alman, bagyň saýasynda uklap ýatyrka, onuň üstünden barypdyrlar. Onuň ýaşy on ikiden kän bolmasa-da, ýüzi uly adamyňky ýalydy. Ol goçak kelleli, ýasy çekgeli gür gaşly, jaýty burun, saryýagyz, akylly gözleri ýanyp duran oglandy. Ol ejesiniňem, kakasynyňam ýokdugyny, özi barada alada edýän daýysynyň bolsa, uklap ýatyrka, ony taşlap gidendigini aýtdy. Soň görüp otursak, ony bilgeşlin taşlamandyrlar. Oglanjygyň ruslaryň arasyndadygyny bilen badyna daýysy ony idäp gelip, gele-gelmäne-de bagryna basdy. Ol juda garagol bolansoň, rus esgerleriniň çäksiz hormatyndan peýdalanýardy. Esgerler oňa täze eşik geýdirip, rus dilini öwredip başladylar. Dynç almaly wagtymyzyň ep-esli bardygyndan peýdalanyp, men

ýykylan Yzmykşir galasyna aýlanmaga gitdim. Onuň meýdany dört akra (2 ga) golaýdy, kä ýerlerde belentligi 30 ädime ýetýän diwarlaryna hiç zat kär etmändir. Gala çig kerpiçden däl-de, gowy edip bişirilen agymtyl-gyzyl kerpiçden salnandy. Kerpiçleriň uzynlygy 6 dýuma, galyňlygy bolsa 1,5 dýuma golaýdy. Hywalylar galany beýdip salmaýarlar. Megerem, bu gala hytaýlylaryň ýa-da parslaryň hüküm süren zamanynda salnan bolsa gerek.

Biz dynç alyp otyrkak, Kaufmanyň başda türmä salan ýomut ilçileri gapdalymyzdan geçip gitdi. Olaryň ugry gaçyp giden ildeşlerine talapdy. Olaryň ikisi gaçmaga synanyşan mahaly öldürilipdir. Galanlaryny bolsa, ildeşlerini paç tölemäge yrmak şerti bilen boşadypdyrlar. Ýöne bolup geçen wakalardan soň, olaryň sözüniň ýer tutmajagy görnüp durdy.

Ýigrimi dördüne ir bilen biz ýolumyzy dowam etdik. Biziň kesip geçmeli çölümiziň içinde ýakmaga ýaramly hiç zadyň ýokdygy sebäpli, ýakyş operasiýasy bes edildi. Şeýdip, ýomutlaryň ýurdunyň ýüz millik çägindäki bar zady küle öwrüp, özbekleriň ýurduna ýetdik. Biz ýolda ýomutlar tarapyndan ýara salnan pürsiýanyň üstünden bardyk. Onuň tenine azyndan ýigrimi gezek gylyç degipdir. Lukman onuň ýaralaryny

daňyp, meýdan gospitalyna ýerleşdirdi. Ýöne indi ol adam boljaga meňzänokdy. Sagat onlaryň töwereginde uzakda baglaryň garasy gözümize ildi. Ýene bir sagat töweregi ýol ýöräp, Ýylanly şäheriniň iki mil golaýyndaky gür baglygyň saýasynda goş ýazdyrdyk. Biz öz çadyrlarymyzy gurup ýörkäk, «Bazar» diýip, gygyryşyp, ýanymyza ýetip gelýän özbekleri gördük. Birdenkä depreklerin howsalaly gümmürdisi eşidildi. Çöl tarapdan türkmenleriň ýakynlaşyp gelýänini habar berdiler. Biz şol bada ýerimizden böküp turup, eşiklerimizi geýip, sapançalarymyzy bilimize gysdyrdyk. Her kim ýakynlaşyp gelýän duşmany görmek üçin arabalaryň, beýgiräk depeleriň üstüne dyrmaşýardy.

## TUTLUŞYK

Türkmenleriň bulam-bujar hatarlar bilen atlaryny maýdalyna goýberip gelişleri söweşmäge däl-de, aňtawa gelýän ýalydy. Olaryň bizi görmeýän bolmagam mümkindi. Sebäbi biziň öňümizi tä Ýylanly şäherine çenli uzalyp gidýän baglyk gabalap durdy. Türkmenler bolsa, çöl tarapdan gelýärdiler.

Olary garşy almak üçin atly goşuna taýýar bolmaga buýruk berlip, onuň ýanyna pyýada goşunyň iki

rotasy berkidildi. General Golowaçýow öz adamlary bilen kiçeňräk depäniň üstüne çykyp, wakalaryň ýaýbaňlanyşyna syn edip durdy. Men ata atlanyp, berkitmeden iki mil uzaklykdaky alynky söweş hataryna tarap ugradym. Ol ýerdäki suwsuz ýabyň sag tarapyndaky alaňyň üstünde polkownik Dresçerniň goşun bölümi, ýabyň çep tarapynda bolsa, polkownik Nowamlinskiniň goşun bölümi durdy. Olardan ýarym mil daşlykda bolsa, söweşe girmekden gaça durýan köp sanly türkmen atlylary eýläk-beýläk at çapdyryşyp ýördüler. Rus mergenleriniň seýrek atýan oklary, toplaryň ot sowurmasy türkmenlere göräýmäge uly bir zyýan ýetirip bilmeýärdi. Men yzyma sereden mahalym Ýylanly tarapdaky ýol bilen at çapdyryp gelýän adamlaryň çaltlyk bilen ýakynlaşýanyny gördüm. Bu berkitmäniň yz tarapyndan edilen örän uly şowly hüjümdi. Sebäbi esgerleriň we ofiserleriň bary berkitmäniň bäri tarapynda — biziň alynky söweş hatarymyzda bolýan wakalara aňkarylyşyp durdy. Yzdan gelýänler olara görünmeýärdi. Olar ýönekeýlik we başarjaňlyk bilen gurlan söweş duzagyna düşüpdi. Öňde bolsa türkmen atlylary manysyz eýläk-beýläk at çapdyryp ýördüler. Men yzdan hüjüm edilýänini duýdurmak üçin atymy yza öwren mahalym polkownik

Nowamlinskiniňem olary aňşyryp, öz esgerlerine yza dolanmaga buýruk berýändigini gördüm. Onuň goşun bölüminiň bir bölegi bolsa eýýäm Ýylanly ýoluna tarap at çapdyryp barýardy. Şol pursat berkitmeden iki ýüz ýard uzaklykda türkmenleriň ýarpy göwresi ýaprakly agaç çybyklary bilen saralgy tot-tozan basyp giden garaýagyz keşpleri göründi. Olar ýalaňaç gylyçlaryny galgadyp, batyrgaýlyk bilen at çapdyryp gelýärdi. Türkmenler üstlerine abanýan howpdan bihabar rus esgerlerini ýüzleriniň ugruna kerçäp biljekdiler. Emma olar ruslaryň gapyllykda üstlerini basmagyň ýerine düşelgäniň töwereginde otlaşyp ýören düýedir atlary sürüp başladylar. Bu ýagdaý bolsa ruslara ýeňseden abanýan howpy aňşyrmaga mümkinçilik berdi. Esgerler duran-duran ýerlerinden ýaraga ýapyşyp, ofiserleriň buýrugyna garaşman söweşe girdiler.

Edil şol wagtam iki ýüz ýard gapdaldan Nowamlinskiniň otrýady hüjüme başlady... Gowy nyşana alnyp atylýan oklaryň gürlügi sebäpli, türkmenler atlaryny yza öwrüp, gürüm-jürüm boldular. Men olaryň birnäçesiniň eýerden aganyny, ýoldaşlarynyňam saklanyp, olary ýanlary bilen alyp gidenini gördüm. Biz gaharymyza ajal güllelerini olaryň yzyndan ýollaýardyk. Olar berkitmäniň içinden geçip (bu olara aňsatlyk bilen

başartdy) gapdaldan atylýan oklardan aman sypdylar. Soň bolsa berkitmäniň günorta tarapynda söweşip ýören ýoldaşlaryna goşuldylar.

Berkitmeden iki ýüz ýard daşlykda bäş sany esger garawulçylyk çekýärdi. Türkmenleriň nädip olaryň üstüni basandyklary bilinmän galdy. Ýaş ofiser Kamenskiý berkitmäniň beýle tarapynda söweş gidip durka, olary barlap gidipdir. Şonda olaryň baram diri ekeni. Ähtimal, olar söweşiň gidişine aňkaryp durkalar güpbasdy edilendir. Söweş tamam bolandan soň, olary kelleleri kesilen we çuw-ýalaňaç halda tapdylar. Berkitmäniň iki ýüz ýard golaýyndaky bu wakany hiç kimiň görmezligi türkmenler batyrlygyny we başarjaňlygyny görkezýärdi. Kazaklaryň dört-bäş ýüz atlysy türkmenleriň ilkinji peýda bolan ýerine bakan atlaryny sürdüler. Olar entek duşman gitmedik bolsa, söweşmek isleýärdiler. Men mümkin boldugyça, bu söweşe syn etmek maksady bilen, olaryň yzyna düşdüm. Bolup geçýän wakalar nakgaşyň eseri ýaly özüne çekijidi.

Bu ýerde türkmenleriň örän köp sanlysy gaýmalaşyp ýördi. Gykylyklap, at çapdyryşyp ýörüşleri olaryň ruhdan düşmändigini görkezýärdi. Türkmenler atyma gelmeýärdiler. Ajaýyp atlary olara biz bilen islendik

aralygy saklamaga mümkinçilik berýärdi. Biz wagtal-wagtal ok atyp, gygyryp olary söweşe çagyrýardyk. Emma olaryň piňine-de däldi.

Bu zatlaryň bary biz üçin lezzet açarlyk tomaşady. Biz türkmenleriň at çapmaga bolan ussatlygyna telpek goýýardyk. Biz bu ýerde türkmenleriň edermenligininiň gözli şaýady bolduk. Olar öz tertip-düzgünleri bilen ajaýyp atly goşuny düzüp biljekdi.

Türkmenleriň söweş tärleri gadymydy. Olar ýekelikde ýa-da iki-üç bolup, biziň elli ýard golaýmyza gelip, egri gylyçlaryny galgatmak bilen bizi başa-baş söweşe çagyrýardylar. Barmajakdygymyza gözleri ýetende bolsa, öz dillerinde bir zatlar diýip gygyryşýardylar. Megerem, olar sögünýän bolsalar gerek. Biziň hatarymyzdaky çerkesleriň birnäçesi olaryň garşysyna çykjak bolup dyzmaçlyk edýärdi. Emma ätiýaç üçin polkownik alajyny tapsa, başa-baş söweşe girmäge rugsat berenokdy. Ýöne meniň soňky gören zatlarym çerkesleriň başa-baş söweşe çykmanlygyna ýüzde-müň şükür etdirdi.

Owadan gara atly bir ýaş türkmen atyny çapdyryp gelşine biziň elli ýard golaýymyza gelip saklandy. Ol gylyjyny ussatlyk bilen oýnadyp, bizi başa-

baş söweşe çagyrdy. Kazaklar oňa tarap ok atyp başladylar. Ol hiç zatdan çekinmän atyny maýdalyna sürüp, gapdala ýöneldi. Kazaklar gezekli-gezegine ok atýardylar. Oklaryň çägäni ýalap geçýändigini, käwagt bolsa, onuň atynyň aýagynyň astyny tozadýandygy görünýärdi. Emma ol bitiniň burnuny ganatman, biziň mergenlerimize göwnüýetmezçilik bilen garap, ýoldaşlarynyň arasyna dolandy. ...Biz ýüz atly bolup, gylyçlarymyzy ýalaňaçlap hatara düzüldik. Bizden üç ýüz ýard daşlykda garym-gatym bolup, üç dört ýüz türkmen toparlanyşyp durdy. Biz edil doly gelen ýaly bolup, ýaraglarymyzy şakyrdadyp, gylyçlarymyzy güne ýaldyradyp, olaryň üstüne eňdik. Ýöne türkmenler ýer ýuwdana döndi. Az salym geçensoň, biz olaryň üç ýüz ýard öňümizden atlaryny maýdalyna goýberip, arkaýyn gidip barýandyklaryny gördük. Olar üstümize çozýarlar-ow diýip, howsala-da düşmändirler. Biz ýene-de olaryň yzyndan kowduk. Ýene-de öňki ýagdaý gaýtalandy. Biziň meýdan gazlary ýaly kowalaşyp ýörşümiz kazaklary kejikdirýärdi. Şol sebäplem kowgyny goýbolsun edip, iki gapdal üçinem ýitgisiz tamamlanan gysgajyk atyşykdan soň düşelgä dolandyk. Ýomutlaram bizi gorkaklaryňam gorkagy hasap edýändiklerini bildirmek üçin, kinaýaly gülşüp, yzymyza düşdüler. Olar has golaýa gelende ok

atan bolýardyk. Türkmenler bizi düşelgäniň ýarym mil golaýyna çenli ugradyp, ýitirim boldular.

Yzymyza gaýdyp gelýärkäk, mergenleriň atan okundan wepat bolan iki sany türkmene düşdük. Olardan başga meýdanda ölen adamyň jesedi ýokdy. Ruslar bolsa, alty adamsyny ýitirdi. Şeýlelik bilen, türkmenleriň peýdasyna çözülen tutluşyk tamam boldy.

Howa eredip barýardy. Biz berkitmä gelip, ýaragymyzy aýyrdyk-da, agaçlaryň kölegesindäki halyçalaryň üstüne süýndük...

## BÖWŞEŇLIK

Geçen günki tutluşyk türkmenleriň uruşmagy başarýandygynyň subutnamasy boldy. Eger olar başlaýyşlary ýaly dowam eden bolsalar, onda olaryň uly üstünlik gazanaýmaklaram mümkindi. Biz türkmenlere kembaha garaýandygymyza kemsiz düşündik. Olar göwnüýetmezçilik edilýän duşmanlaryň hilinden däldi. Biz ertesi günem berkitmede çöp başyny galdyrman ýatyrkak, türkmenleriň bir topary ýaraşyk baglaşmak maksady bilen geldiler. Soň men olaryň tekliplériniň kabul edilmändigini bildim. Olar bary-ýogy üç hepde mundan ozal bu ýerlerden geçip giden

Orenburg otrýadyny parahat kabul edenlerini aýdyp, ruslara duşmançylyklarynyň ýokdugyna ynandyrmak isleýärdiler. Olar bize uzak ýoldan getiren köp mukdardaky gawundyr miwelerini, süýtdür çöreklerini bahasyny almazdan, açyk göwün bilen hödür edýärdiler.

Soň bir gezek graf Şuwalow maňa biziň ýomutlaryň ýurdunda ot berip ýören mahalymyz öz adamlary bilen Köneürgenjiň golaýynda türkmenler bilen dostlukly ýagdaýda ýaşandyklaryny gürrüň berdi. Birnäçe ýomut gelip, oňa Golowaçýowyň goşunynyň garşysyna işjeň goranyş ylalaşygyny baglaşmagy teklip edipdir. Olar «Biz siziň bilen dostlukly şertnama boýun bolduk. Indi sizi egindeş hasaplaýarys. Häzir biziň garşymyza türküstanly ruslaryň bir taýpasy uruş edýär. Bu uruşda siz biziň arkamyzy almaly. Sebäbi biziň duşmanymyz siziňem duşmanyňyz» diýip, sadalyk bilen haýyş edipdirler.

## GARPYŞYK

Biziň dynç alyp ýatyşymyza gün öýläne sandy. Gün gijigip ugranda general Golowaçýow türkmenleriň özlerine gaçybatalga tapan ýerleri baradaky maglumatlary ýygnap, indiki hüjüme taýýarlyk

görüp başlady. Garaňky gatlyşansoň, oduň başyna ýygnanan esgerleriň arasyna bäş-alty mil aralykdaky türkmenleriň üstüne daňyň alagaraňkysynda hüjüm edilip, olary gapyllykda basjakdygymyz barada hyşy-wyşy gürrüňler ýaýrap ugrady. Ol gürrüňleriň çynlygy agşam sagat onlaryň töweregi hüjüm etmek baradaky buýruk yglan edilenden soň belli boldy. Buýrukda goş-golamy goramak üçin birnäçe esgeri goýup, sagat birde hüjüme geçilmelidigi aýdylýardy. Aýdyşlaryna görä, türkmenler Ýylanlynyň aňry tarapynda düşlemäge hyýallanýardylar.

Sagat on birlerde, hemmeler ýatmaga giden mahaly birnäçe gezek atylan tüpeň sesleri ümsümligi bozdy. Biz hüjüm başlanandyr öýdüp, ýaraga ýapyşdyk. Ýöne ýene töwerege ümsümlik aralaşdy. Garawul duran esger bir garanyň assyrynlyk bilen emedekläp gelýänini görüp tüpeň atanyny habar berdi. Töwerek imisalalyk bolany üçin, biz ýene-de özümizi düşege okladyk.

Sagat birleriň töweregi bizi ýene-de tüpeň sesi oýardy. Tüpeň sesiniň yzyndanam aýylganç adam sesi töwerege ýaýrady. Biz ýaraga ýapyşyp, az wagtlyk aljyraňňylykdan soň, ýerli-ýerimizi eýeledik. Bu gezekki goh ýöne ýerden turmandyr. Garawul garaňka duwlanyp, örän ýakyn gelen gara tarap tüpeňini boşadypdyr-da, yzyndanam

gylyjyny aýlapdyr. Onuň şeýdeni gowam bolupdyr. Sebäbi onuň töwereginde duşmanlaryň birnäçesi emedekleşip ýör eken. Bu wakadan soň, Golowaçýow hüjüminiň wagtyny sagat üçe çenli yza geçirdi. Häzir hüjüme başlasak, türkmenlere öz üstlerine abanýan howp baradaky habaryň ýetjegi ikuçsuzdy.

Sagat üçleriň töweregi bizi ukudan oýardylar. Biz iki ýüz arabadan ybarat goşumyzy ýygnap, boş meýdançanyň daşyna halka etdik-de olary goramak üçinem üç ýüz esgeri goýduk.

Goşun öňe süýşüp ugrady. Men ýanymdaky iki-üç sany esger bilen türkmenleri üstümiziň gapyl basmaklarynyň mümkindigi barada pikir alşyp barýardym. Birden aýylganç gygyryşýan adamlaryň gorkuly sesleri, at aýaklarynyň güpürdisi, oklaryň şuwwuldysy beýnimizi sarsdyrdy. Töweregi wagşy, ar alyjy sesler gaplap aldy. Düzlük türkmenlerden doludy. Oklaryň şuwwuldysyndan, ürken atlaryň güpürdisinden, goh-galmagaldan ýaňa gulagyň perdesi ýarylsam diýýärdi. Ýalaňaç gylyçlar atylýan oklaryň ýagtysyna ýalpyldap gidýärdi. Biz esli wagtlap uruşmakdan-a geçen, gaýta töweregimize aňk bolup, näme edýänimizem bilemzokdyk. Diňe general Golowaçýow pyýada goşunadyr artilleriýa hüjüme

geçmäge buýruk berenden soň, biz nirä barýanymyzam aňşyrman, olaryň yzyna düşdük. Biz urşujylaryň ortasyndadyk. Eýýäm top sesi kesilipdi. Türkmenler şeýle bir ýakyndadylar welin, atylýan top oklary näçe pessaýlap atylsa-da, olaryň kelleleriniň üstünden geçýärdi. Şonuň üçinem türkmenler top oklarynd an ullakan zyýan çekenokdylar. Tüpeň sesleri öňkä görä gürelip ugrady. Kämahal garaňkylygyň içinde gazaply ýüzlerdir gylyçlaryň ýalpyldysy peýda bolup, yz ýanyndanam ýitip gidýärdi. Goh-galmagal öňküden on esse dagy artypdy. Kazaklar aljyraňňylyga düşüp, ýuwaşlyk bilen yza çekilýärdiler. Eýlede-beýlede ruslaryň hataryny böwsen türkmenler başa-baş söweşe girýärdiler. Başagaýlygyň içinde men general Golowaçýowy gözden ýitirdim. Men ony soň gana boýalan halyna buýruk berip duran pursady gördüm. Türkmenler ony ýaralapdyrlar. Onuň ýanyndaky ştab serkerdesiniňem kellesinden gan akýardy. Birden kazaklar dowla düşdüler-de, meni hem öz hatarlary bilen südürläp, yza okduryldylar. Bu ýönekeý yza çekilmä meňzänokdy. Men henize çenli beýle dowla düşen adamlary görmändim. Diňe ýertitrände şeýle ýagdaýa düşmek mümkindi. Polkowniklerini ýitiren kazaklaryň ýüzlerinde gorky alamaty bardy. Munuň

ýeňlişdigine gyrgynçylykdygyna men soň düşünip galdym.

Ýomutlaryň ýüwrük atlarynyň deminden birimizem aman sypyp biljek däldik. Daňyň alagaraňkysynda berkitmämiziň ýerleşýän tarapyndan at salyp gelýän türkmenler aýyl-saýyl görünýärdi. Biz gabawa düşüpdik.

General Golowaçýowy gözleýändigi bildirip duran şazada Ýewgeniý öňümden dazyrdap geçip gitdi. Onuň elinde tüsseläp duran sapançasy bardy. Soň eşidip otursam, olam gabawa düşüp ýaralanypdyr. Türkmenler onuň janpenasyny öldüripdirler. Onuň özi bolsa, iki adamy atyp öldürip, zordan sypypdyr. Men kazaklaryň arasyndan saýlanmagy makul bildim. Men nädip duşmanlar bilen ýüzbe-ýüz bolanymam duýman galdym. Garaňka gark bolup oturan günbatardan bitertip hatarly duşman atlylary eňip gelýärdi. Olaryň gazaply garaýagyz ýüzleri, ýalaňaç gylyçlary atylýan oklaryň ýalkymyna çala saýgardýardy. Men häzir syn edip durmagyň wagty däldigini bilip, ilkinji gezek sapançamy duşmana tarap boşatdym-da atymyň başyny yza öwürdim. Şol mahalam çep tarapymyzda pyýada goşunyň bir rotasy peýda boldy. Ofiserleriň birine gaçyp barýan rotany tanaplap diýen ýaly yza öwürmek başardypdyr. Men begenjimden uçaýjak bolup, wagt

ýitirmän, olaryň arkasyna geçdim. Olar: «Ot aç!» diýlip buýruk berlenden soň, ýaraglaryny taýynlap, hatara durdylar. Tüpeňler yzly-yzyna boşady. Ýomutlar şeýle bir ýakyna gelipdiler welin, edil esgerleriň aýagynyň aşagyna atlaryndan agyp düşýärdiler. Sag tarapymyzdan top oklaram ýagyp başlady. Ýöne şol pursat ýagyp başlan ýagyş töweregi aýdyňlaşdyrdy. Serpilip ugran garaňkylykdan türkmenleriň ýüwrük bedewlerini çapdyryp, gözden ýitip barýanlygy saýgardýardy. Men töweregime göz aýlan mahalym, birnäçe ofiserlerdir kazagyň general Golowaçýowyň töwereginde heşerlenişip duranlaryny gördüm. Galan kazaklar bolsa, her ýerde-her ýerde toplanyşyp durdylar. Pyýada goşun üç ýüz metr töwerege ýaýrapdyr. Topçular bolsa, gaçyp barýan duşmanyň yzyndan atjaklaryny ýa-da atmajaklaryny bilmän ýaýdanyşyp durdylar. Söweş tamam bolupdy.

## SÖWEŞDEN SOŇ

Meniň golaýymda iki-üç sany öli we üç-dört sany ýaraly rus esgeri ýatyr. Azajyk aňyrrakda döşünden parran geçen okdan wepat bolan polkownik Ýesipow Georgiý lentasyny gana boýap, topragy gujaklapdyr.

Men onuň bilen söweşiň öň ýanynda, ýagny ýarym sagat mundan öň salamlaşypdym. Onuň sowan meýdi inimi düýrükdirdi. Men general Golowaçýowyň niresinden ýaralananyny bilmek maksady bilen, onuň baýdagy pasyrdap duran ýere ugradym. Ol gara gana boýalan ak eşiklidi. Onuň gylyçdan ýara düşen eli hasa bilen saralandy. Ýöne oňa garamazdan, ol ýeriň üstünde ynamly otyrdy. Biz meýdana aýlanyp ölüleri we ýaralylary sanadyk. Türkmenleriň jesedi sergi bolup ýatyrdy. Olaryň biri uzyn taýagyň ujuna berkidilen egri oragy henizem berk gysymlap, goýberenokdy. Ol aýak ýalaň, başy açyk, ýüpekden tikilen agymtyk köýnek-balaklydy. Adaty bolmadyk ýarag bilen rus atyjylarynyň garşysyna iteklän ruhy, gahar-gazaba ýugrulan ýigrenji onuň rehimsizden gödek keşbinde doňup galypdyr. Beýleräkde üç-dört sany türkmeniň jesedi biri-birine ýaplanyp ýatyr, dört-bäş sany türkmen bolsa öz ajaýyp atlary bilen ýer bagyrtlapdyrlar. Atlaryň biri ok degen eýesine kömek etjek bolup synanyşan mahaly öldürilene meňzeýärdi. Çägelikdäki çugdum-çugdum bolup ösüp oturan pessejik haşal otlaryň içinde ýarpy göwresi görünýän adamlaryň sany-sajagy ýokdy. Ýöne türkmenleriň içinde ýaralysy, iňläp ýa-da kömek sorap gygyryp ýatany ýokdy. Men muňa haýran galdym.

Türkmenler mydama-da öz ýaralylaryny taşlamazlyga çalyşýardylar. Ýöne ýap-ýaňy bolan söweşde ýaralanan ýoldaşlarynyň baryny alyp gitmäge türkmenleriň mümkinçiligi bolmandy. Biz wepat bolan türkmenleriň sanyny üç ýüze ýetirdik. Soňra mälim bolşuna görä, wepat bolanlaryň jemi sany bäş ýüze golaýlan eken. Ýomutlaryň diňe gylyçdyr orak bilen ýaralanandyklary sebäpli, ölen we ýaraly bolan ruslaryň sany kyrkdan geçenokdy.

Bu ýerde başga edere iş bolmansoň, yzymyza dolandyk. Az salymdanam baglygyň içinden geçýän Ýylanly ýoly bilen atymyzy çapdyryp barýardyk. Ýylanlynyň diş-diş bolup duran gazaply galasy görnende, biz heniz ýarym sagadam ýöremändik. Ýol şäheriň daşyna aýlanýardy.

## YZ ÇALYŞ

Ýylanlyda özbekler ýaşaýar. Olar bilen bolsa biziň hiç hili duşmançylygymyz ýok. Ýöne şeýle-de bolsa özbekler gaharly ýüzümize, Golowaçýowyň gana boýalan eşigine, boýnundan asylan ýaraly eline gorky bilen seredýärdiler. Biz şähere girmän, onuň diwarlaryny syryp, demirgazyk günbatara tarap ýörişimizi dowam etdirdik. Ýarym sagat geçip-geçmänkä-de çöllügiň

gyrasyndan girdik. Biz çöllügiň etegindäki kä çägelige, kä düz ýere düşýän egrem-bugram ýol bilen gidip barşymyza, çak edişimize görä, Ýylanlydan bäş-alty mil uzaklykda goş ýazdyran türkmenleriň üstüni gapyllykda basmagyň maslahatyny edýärdik. Söweş tamam bolan badyna, gözden uçan türkmenleri üç-dört sagatlap gözlesegem tapyp bilmedik. Sagat dokuz töwerekleri çep gapdalymyzda, göz ýeter-ýetmezde alňasap, arany açyp barýan ýomutlara gözümiz düşdi. Ýarym sagat geçip-geçmänkä-de, öňümizdäki düzlügiň ýüzi türkmenlerden ýaňa mygyldy boldy. Eger soňky bolýan wakalary söweş atlandyrmak mümkin bolsa, kiçeňräk söweşem boldy. Türkmenleriň köp sanlysy daş-töweregimizi gurşap alansoňlar, biz çar tarapymyzdanam esewan bolup, hüjüme taýynlanmaly bolduk. Biziň pyýada goşunymyzyň esgerleridir mergenlerimiz penalanmaga amatly bolan ýaplaryň kenaryna özlerini oklady. Ýomutlar irdenki ýeňlişlerine garamazdan, biziň goşun hatarlarymyzyň arasyna batyrgaýlyk bilen at çapdyryp gelýärdiler. Biz olaryň düşlän ýerine ýakynlap ugranymyzdan, her edip, hesip edip uruşmaga ýaramsyz adamlaryna gaçyp ýetişmäge mümkinçilik bermek üçin ýolumyzy kesjek bolýardylar. Bu olara başardýardam. Çep gapdalyny mergenler, sag

gapdalyny atlylar penalaýan pyýada goşun öňe hereket etse-de, böwsülen hatarlaryny doldurmak ýa-da ýörişiň ugruny üýtgetmek üçin, her ädimde diýen ýaly saklanmaga mejbur bolýardy. Ýomutlar irki söweşden soň, pyýada goşundan çekinselerem, kazaklaryň olardan döwleriniň pesdigini aňypdyrlar. Olaryň kazaklaryň üstüne eden batyrgaý hüjümlerini diňe pyýada goşun ara düşensoň saklamak başartdy. Ýomutlar iki-üç sagatlap biziň daş-töweregimize ýaýrap, gykylyklaşyp, öz pelteli tüpeňlerinden ok atyp, hüjüm edip durdular. Olaryň biziň üstümize aýgytly çozuş etmek niýetleri ýokdy. Olaryň esasy maksady biziň hereketlerimizi togtatmakdy.

Bir gezek ýoldan üç ýüz ýard daşlykda ýykylan jaýyň gapdalynda ýomutlaryň bäş -alty sany atlysyna gözümiz düşdi. Biz olara tarap tüpeňlerimizden her näçe ok atsagam, bitleriniň burnunam ganatman atlaryny çapdyryp gitdiler.

General Golowaçow biziň bir ýarym mil çepimizde olaryň birnäçe toparyny görüp, Orenburg otrýadyna duýdurmak üçin, on-on iki sapar top atmagy buýrdy. Çak edilişine görä, bu otrýad duşmanyň sekiz-on mil aňry tarapyndan olary gabawa salmak üçin ýakynlaşyp gelýän bolmaly. Soň görüp otursak, biziň duýduryş üçin

atan top oklarymyz ýomutlara gaty uly zyýan ýetiripdir. Ol oklar kiçeňräk oýtumda goş ýazdyran ýomutlaryň göni üstünden düşüpdir; ähli zatlaryny taşlap, gaçyp gitmäge olary mejbur edipdir. Biz bolsa olaryň goş ýazdyran ýerlerini gözläp ýördük! Biz bu zatlary ertesi gün Orenburg otrýadynyň adamlaryndan eşitdik. Olar şol oýa ýeten mahallary taşlanyp gidilen birnäçe ýüz arabanyň, ýomutlaryň jesetleriniň, köp sanly goş-golamlaryň üstünden barypdyr. Görgülilер atylýan oklardan ýaňa ölülerini-de ýygnamaga ýetişmän, bar zatlaryny owarram edip, gaçyp gidipdirler. Tapylan goşlaryň arasynda 1840-njy ýyldaky Perowskiniň betbagtlyga uçran ekspedisiýasy bilen Angliýanyň adyndan Hywa giden leýtenant Şekspiriň alyşan köp sanly hatlary tapyldy. Leýtenant Şekspir ruslar bilen hywalylaryň arasyndaky dawaly jedelleri parahatçylykly çözmäge ýardam bermek üçin Hywa gidipdi.

Tapylan hatlaryň arasynda iňlis ilçisi lord Palmerstonyň rus häkimiýetini habardar etmek üçin alan görkezmesiniň göçürmesi hem bar eken. Ol hatda eger Russiýa Hywany özüne birikdirse, Angliýanyň Russiýa garşy urşy başlajakdygy hakynda aýdylýardy. Ol hatlaryň tapylan ýeriniň üstünden baran biziň toparymyz däldi. Irdenki bolan wakalardan

elheder alan ýola beletler gaçyp gidipdirler. Biz bolsa türkmenleriň düşelgeleriniň nirede ýerleşendigini takyk bilemzokdyk. Şonuň üçinem biz olaryň iki mil çepinden geçip gidipdiris.

Günortanaralar biz suwy çöllüge siňip gidýän Annamyrat ýabynyň boýuna ýetdik. Ol ýerde Hywa hanynyň ýomutlaryň üstüne ýöriş eden mahallary gurduran galasynyň üstünden bardyk. Ol galanyň meýdany on akra golaýdy. Käbir ýerinde beýikligi on ädime ýetýän gala hiç zat kär etmändir diýen ýalydy... Biz galanyň içinde goş ýazdyrdyk. Galanyň abatlygy üçin general Golowaçýow ol ýerini amatly hasaplap, günüň galan bölegini şol ýerde geçirmegi ýüregine düwdi.

Bu pursatdan peýdalanyp, ýomutlar gaçmaklaryny dowam etdiripdirler. Biz olaryň gapdalyndan geçip giden mahalymyz ýomutlar yzlaryny towşanlaryňky ýaly bulaşdyryp, biziň geçip giden ýolumyz bilen yza — günorta-gündogara tarap tutdurypdyrlar. Gije-gündiz ýol ýöränsoňlar, ýomutlara bizden ep-esli ara açmak başardypdyr.

Ertesi daň atandan, biz olaryň söbügine düşdük. Biz az öldürilen ýatan rus esgerleriniň üstünden bardyk.

Ol esgerler garawul goýlupdy. Ähtimal, gije ýomutlar olaryň üstüni gapyl basandyrlar. Biz ýolda diňe ertirlik edinmek üçin azajyk wagt düşläp, uzakly gün gaçyp barýanlaryň yzyndan kowduk. Goş-golamymyz az bolany üçin biz çalt hereket edýärdik. Biz ýene-de Ýylanlynyň çep tarapyndan geçip, kiçijik oazisden soň, açyk düzlüge düşdük. Düzlük gazylan ýaplardan doludy. Olaryň şu asyryň başyndan ekerançylyk meýdanlaryny suwarmak üçin ulanylan bolmagy ahmaldy. Gözýetimde tozan turzup, gaçyp barýanlaryň galasyny gören mahalymyz, gün ýanyny ýere beripdi. Şonuň üçinem kowgyny goýbolsun etdik.

Bol suwly ýabyň kenarynda goş ýazdyranymyzdan soň, kazaklar atlaryna iým gözläp, düzlügiň içine pytrap gitdiler. Olar berkitmeden bir mile golaý uzaklykda ýomutlaryň ýaňyja orup goýan at harmanynyň üstünden barypdyrlar. Kazaklaryň düzlükde dagynyk ýagdaýda gezip ýörmekleri aýylganç waka bilen gutardy. Ýerli milletden bolan ýolabelet hemmelerden arany açan kazaklaryň birini ýomutmyka diýip atypdyr. Ol agyr ýaralanansoň, hirurgyň elinden gelenini edendigine garamazdan, iki sagat geçip-geçmänkä jan berdi.

## KOWGY

Biz ertesi ir bilen ýörişi dowam etdik. Tiz wagtdanam gaçyp barýanlaryň galdyryp giden zatlary duşup başlady. Ýoluň ugrunda howlukmaç taşlanyp gidilen üsti ýükli arabalar durdy. Eýeleriniň yzyna eýgermedik sygyrdyr göleler molaşýardy. Çatmanyň içinde öldüriljek pursadyna gorky bilen garaşyp oturan, diňe süňk bilen ham bolup galan kempir — hasasyna söýenip durşuna bürgüdiňki ýaly gözleri bilen bizi synlaýan sandan galan garry görünýärdi.

Golowaçýow türkmenleriň yzyndan ýetmäge, başartsa, olary söweşmäge mejbur etmäge buýruk berdi.

Atly goşun yzynda tozan bulutlaryny galdyryp, gözden ýitdi. Pyýada goşun bolsa, ýuwaşlyk bilen öňe süýşüp ugrady. Ýarym sagat töweregi ýöränimizden soň, öňümizi suwly ýap kesdi. Bu ýerde biz iniňi jümşüldedýän sahnany synlamaga mejbur bolduk. Ýomutlaryň öý-goşlary ýüklenen ýüzlerçe araba daş-töwerekde pytrap ýatyrdy. Gaçyp barýanlar ýabyň darajyk köprüsinden goşlaryny geçirip bilmän bar zatlaryny taşlap gidipdirler. Olaryň käbiri ýa-ha atlarynyň ýoklugy sebäpli, ýa-da ruslar özlerine rehim eder öýdüp, bu ýerde saklanypdyrlar. Ýöne kazaklar

olary ele salyp çapym-çapym edipdirler.

Generalyň we onuň ştabynyň bu ýerde az salym saklanjagyna garamazdan, men atymy öňe sürüp gitdim. Çar-tarapda mas ýüklenen arabalar, dagap ýatyrdy. Kysmatyna kaýyldygy görnüp duran goltugy çagaly segsen ýaşlaryndaky kempir ýoluň ortasynda ýygrylyp otyrdy. Onuň gözlerini ýumup oturyşy depesinden injek gylyjy görmäge gurbaty çatmaýanyňka meňzeýär. Ol agtygygny elinden sypdyrjaga çalym etmeýärdi. Azajyk aňyrrakda ýyrtyk-ýyrtyk giň köýnekli owadan ýaş gelin arabanyň aşagynda ýüzüni gara-gan edip otyrdy. Men erbet zady göwnüme getirmän oňa pul uzatdym. Ol pulumy yzyna zybyrdadyp zyňdy-da sojamaga başlady...

Azajyk aňyrrakda, ýoluň ýakasynda ýüzüni gylyç japan garry aýal ýatyrdy. Onuň başynda topbusy bolmansoň, erkek adamdyr öýdülen bolmagam ahmal. Erkek göbeklä garşylyk görkezýänine ýa-da görkezmeýänine garamazdan, rehim etmezlik barada ýörite buýruk bardy. Bu meniň gören ýaralylarymyň arasyndaky ýeke-täk aýaldy. Men iki mile golaý şunuň ýaly elhençlikleri synlamaly boldum. Ýöne öňde on-bäş ýigrimi sany ýomuda gözüm düşüp, aňry gitmäni goýbolsun etdim. Men bu ýerde goşunyň gelerine garaşyp durkam, şol töwerekde aýlanyp ýören atly

türkmen peýda boldy-da maňa garşy gaýtdy. Elinde taýakdan başga zat bolmasa-da onuň bolup gelşi örän hyrsyzdy. Men sapançama ýapyşdym. Emma ol menden birjigem çekinmän, iki sapançalydygyma, tüpeňlidigime garamazdan, üstüme hüjüm etmäge hyýallanýan ýaly, öz gorkunç gara gözleri bilen gazaply seredip, on ädim öň ýanymdan geçip gitdi. Men ilkibada ruslaryň edişi ýaly, oňa taýagyny taşlatdyryp, özüme boýun etmek isledim. Ýöne onuň gaýduwsyzlygy, hiç zatdan çekinmezligi meni aňk etdi. Onsoňam, ýaragsyz adamyň üstüne sürünmek namartlyk boljakdy. Ol maňa barmysyňam diýmän gözden ýitip gitdi.

Onýança goşunam yzymdan ýetdi. Biz, şeýdip, ýene dört-bäş mil öňe ýöredik. Biziň öňümizden köp sanly goýun sürüleri, sygyrlar, düýeler çykýardy. Ýöne ýörişiň dowamynda ýekeje atyňam ele salynmazlygy geň galmazça däldi. Bu türkmenleriň atlaryny janlaryndanam eý görýändigini aňladýardy. Ýesir alnan ýa -da öldürilen türkmenleriňem atlary bolmansoň, şeýle güne düşen bolmaklary mümkin. Men kazaklaryň üýşüp duran arabalary talaýandygyny görüp, olaryň edýän işini synlamak üçin, şol tarapa ugradym. Tiz wagtdanam iki sany ýomudyň jesediniň üstünden bardym. Üç ýaşlaryndaky gyzjagaz jesetleriň

arasynda duran ýerinden çaga mahsus ýygralyk bilen talaňçylyga seredip, sojap durdy. Onuň bu ýerde galsa, suwsuzlykdan öljegi ikuçsuz bolansoň, men ony öňümden çykan ilkinji aýala gowşurmak maksady bilen atymyň öňüne aldym. Az salymdan ýene bir gyzjagaza gözüm düşdi. Men öňümdäki gyzjagazy ýoldaşym Çertkowa tabşyrdym-da ýaňky gyzjagaza tarap ugradym. Ol görgüli bilmezlikde aýagyny gylyja gyýdyrypdyr. Ýarasyna çäge bary siňensoň onuň aýagy gaty agyrýan borly. Ýöne gyzjagazyň gözünde nem ýokdy. Ol kakasynyňky ýaly gara, hyrsyz, bilesigeliji gözleri bilen kazaklaryň arabalary talaýyşlaryny synlaýardy. Men ony ata mündürmekçi bolamda ol gaçdy. Onsoň men atdan düşüp, ony kowalap tutmaly boldum. Men tä tatarça bilýän sözlerimiň baryny aýdyp, ony köşeşdirýänçäm ol dyrnaçaklap, däbşenekläp, meniň bilen gitmekden boýun gaçyrdy. Menden zyýan görmejegine gözi ýetensoň welin, boýumdan gujaklady-da süýji uka gitdi. Görgülijigiň üst-başy edil şu wagt hapa suwly kölçä girip çykanyňka meňzeýärdi. Men ony gujaklap, gülkünç ýagdaýda esgerleriň hatarlarynyň arasyna aýlanyp ýördüm. Köp wagt geçmänkä, edil gymmat bahaly daş tapan ýaly kiçijik bir gyzy goltuklap ýören ştab ofiserine duşdum. Biz

sagat on birlerde atlara dynç bermek, ertirlik edinmek üçin goş ýazdyrdyk. Türkmenler çar-tarapa pytrap gidipdirler. Diňe birnäçe mil öňde atly türkmenleriň birnäçesi üýşüp durdy. Olaryň üstüne çozuş edeniň peýdasy boljak däldi. General Golowaçýow ýomutlaryň ýaşaýyş üçin ýaramly zatlarynyň köp mukdaryny basyp alansoň, ýörişi tamamlap, yza — Ýylanla dolanmagy makul bildi...

Ýolda duşan bäş-alty sany aýala howandarlyk eden gyzjagazymy ýanlaryna almagy haýyş edip ýüzlenenimde olar öz çagalaryňam nätjeklerini bilmeýändiklerini aýdyp, garşylyk görkezdiler. Olaryň hersiniň ýanynda dört-bäş çaga bardy. Men olaryň ýagdaýyna düşünip, gyzjagazy özüm bilen berkitmä alyp gitdim. Elbetde, ony çem gelen ýerde taşlap gitsemem, edenime däl diýjek ýokdy. Ýöne şeýtjek bolsam, ony çöüügiň içinde şagallara şam boljak bolup duran pursady alyp gaýtmazdym. Men gyzjagazy kime berjegimi pikirlenip, onuň üçin ýomutlaryň goşlarynyň arasynda dagap ýatan pagtadan arabanyň aşagynda düşek ýasadym. Lukmanyň kömegi bilen onuň ýaraly aýagyny ýuwup, daňyşdyrdym. Ýarasyny daňan mahalymyz, gyzjagazyň çydamlylygyna haýranlar galdyk. Çäge siňen, azyp iriňlän ýarasyny arassalap, daňan mahalymyz agyry

ýüregine ornap gidýän bolsa-da, ol aglamady. Ony gowuja synlamak maksady bilen, ýüzüni gazaşdyryp, ýuwamda onuň eýjejik bir gyzjagazdygyny gördüm. Men oňa suw hödürlämde suwa açgözlük bilen topuldy. Bu onuň günüň dowamynda ýeke-täk iýip-içen zady bolsa gerek. Olja alnan sygyrlardan saglyp alnan süýdüň satylýanyny görüp, gyzjagaz doýar ýaly süýt satyn aldym. Süýtden ganan çagajyk süýji uka gitdi. Men bu edermen gyzjagaza şeýle bir öwrenişdim welin, onuň ejesini tapan mahalymam, ony öz ýanymdan goýberesim gelmedi. Ejesi çagajygy bagryna basyp oturan ýerinden maňa minnetdarlyk bildirmek üçin, ýekeje gezegem öwrülip seretmedi. Eger meniň birden gerek bolaýmasyn diýip, talap alan çaga eşiklerimi oňa geýdirenimi, ýene-de on-on iki ýyldan ol gyzjagaz durmuşa çykanda haladyna goşant bolup biljek gyzyldan edilen şap-sepi berenimi göz öňüne tutsaň, gyzjagazyň ejesiniň maňa beren «taňryýalkasyny» göwne jaý däldi. Henäme-de bolsa, gyzjagaza hossar çykan kapyra onuň öz ýüreginiň töründen minnetdarlyk bildirenine ynanasym gelýär.

Ýörişiň dowamynda ýesir alnan elli-altmyş sany aýala islän ýerlerine gitmäge rugsat berdiler. Esgerlere bolsa, derde ýarajak zatlary alyp, galanlaryny otlamaga buýruk berildi. Buýrugy kazaklar höwes bilen ýerine

ýetirdiler. Olar, esasanam, halylary, ýüpek daňylaryny, geýim-gejimleri, kümüşden ýasalan şaý-sepleri talaýardylar. Ýoluň üstünde esgerleriň gerekmejek hasaplap zyňan zatlary — egrilmedik ýüpekler, köne halylar, çägä garylan bugdaý, mesge, öý goşlary çaşyp ýatyrdy. Olardan ýaňa aýak basara ýer ýokdy. Sada türkmenleriň uzak ýyllaryň dowamynda peýdalanyp, hemralaryna öwrülip giden köp sanly ýakymly ýatlamalara ýugrulan, ata-babalaryndan ýadygärlik galan zatlarynyň guma bulaşyp ýatanyny göreňde ýüregiň gyýylyp gidýärdi. Aýallaryň ýykan-ýumran bolan zatlaryň içinden öýlerine ýaramlylaryny saýlap, gözden ýaş döküp oturyşlaryny göz öňüne getirseň, hasam erbet bolýarsyň. Ýöne mundan erbedine-de duşýarsyň. Ine, üç sany ýomudyň jesedi ýatyr. Dört ýaşdan sekiz ýaşa çenli bolan çag alar olaryň daşyna egrilişip otyrlar. Olaryň ekabyry — kiçijik gaýduwsyz oglanjyk başardygyndan beýlekileriň aladasyny edýär. Ol öýlerinden galanja pagta, ýüpek böleklerinden, elem-tas keçelerden, halylardan arabanyň aşagynda ýatar ýaly ýer edinmek bilen gümra. Men onuň ýanyna atymy sürüp baran mahalym onuň çaga ýüreginiň ýigrençden dolandygyna birjikde şübhelenmedim. Ýene ýigrimi ýyldan çagajygyň özlerini nähili ýigrenendigine

«kapyrlaryň» gözi ýetmegi gaty ahmal. Men olara tapan gaýmaklarymy getirip berip, esgerleriň çagajyklaryň gaçybatalga tapan arabasyny otlamazlygy barada aladalanyp, olary öz mähribanlary bilen gyrak-byjaksyz çöllükde galdyryp, goşunyň yzyna düşdüm.

Biz yza dolanyp barýarkak, duş gelen bar zady ýakyp ýandyrýardyk. Meniň başda agzan suwsuz ýabymyň boýuna ýetenimizde, bu ýerdäki dagap ýatan arabalaryň talanandygyny gördük. Bu ýerde galan aýaldyr çagalar bolsa ýitirim bolupdyrlar. Soň görüp otursak, olaryň az sanlysy henizem şu ýerde ekeni. Meni bir zat örän haýran galdyrdy. Kazaklar käte talaňçylyklarynyň arasyny kesip, çagajyklara çörek hödürläp, suw içirip, ýene-de öz işlerini dowam edýärdiler.

Men Golowaçýowyň baýdagyny görüp, jykyr-jykyr gülen gyzjagaza şol öňküje oturan arabasynyň üstünde otyrka gabat geldim. Bu wagt iňrik garalyp gelýärdi. Ol görgülijik bolsa uzakly gün jokrama yssyda hiç zat iýip-içmän, özüniň äkidilmegine garaşyp geçiren borly. Men pytrap ýatan zatlaryň arasyndan peýnir bölegini tapyp, oňa getirip berdim. Iň kynam oňa suw berer ýaly, gap tapmak boldy. Ol ýerde bäş-alty ýüze golaý araba münderlenip durdy. Olara ot berlensoň, töwerekdäki arabalara-da ot düşüp başlady. Görsem gyzjagazyň

oturan arabasyna-da ot düşüpdir. Men ony howpsuzrak ýere geçirip, gyzjagazy kime tabşyrjagym barada oýlanyp ugradym. Dogry, golaýda üç-dört sany aýalam bardy. Ýöne olar gyzjagazy uzakly gün idemänsoňlar, indem olara bil baglap boljak däldi. Iňrik bolsa kem-kem garalýardy. Ýomutlaryň bu ýerde ertirden bäri gara bermejegi bolsa köre hasady. Töwerekde köp sanly şagallaryň uwwuldysy eşidilýärdi...

## HARBY TÖLEG

Ýomutlar düýbünden derbi-dagyn edilip, olaryň köp sanly mallary olja alyndy. Gyşa niýetläp basyp goýan bugdaýlary, azyk önümleri ýok edildi. Ýaşaýan obalarynyň ýerinde bolsa diňe kül üýşmekleri galdy. Ýörişiň dowamynda obalaryna dolanmagy we boýun egmegi hyýallaryna-da getirmezlikleri olaryň tekepbir ruhunyň mizemändigini görkezýärdi. Olar tä Kaufman Buharanyň üsti bilen Daşkende tarap ýola düşýänçä birnäçe hepde çölüň içinde entäp, itiň gününi gördüler. Kaufman maňa olaryň Hazaryň kenarynda Etrekde ýaşaýan teke türkmenlerine özlerini tekeleriň ýurduna kabul edilmegini sorap, öz ilçilerini ýollandyklaryny gürrüň berdi. Tekeler eger ýomutlar olara raýat

bolmaga bo ýun bolsalar, olar üçin Hazaryň kenarynyň we Etregiň gapysynyň açykdygyny aýdypdyrlar... Kaufmanyň maňa aýdan zatlary çyn bolanlygynda, ýomutlaryň iň bolmanda az sanlysynyň ol ýerik göçüp gidendigine ynanýaryn.

Kaufman goş ýazdyrandan soň, Hywa türkmenleriniň beýleki tireleriniň hem bir hepdäniň içinde harby töleg tölemeklerini talap etdi. Eger olar aýdylany etmeseler, ýomutlaryň gününe duçar boljakdyklaryny duýdurdy. Olar Kaufmanyň üstüne öz serdarlaryny iberip harby töleg tölejekdiklerini, ýöne berlen möhleti uzaltmagy soradylar. Kaufman tölegiň möhletini on dört güne çenli uzaltdy.

Türkmenler her öýden on bäş tylla ýa-da 4 funt sterling we 1 şilling ýygnamalydylar. Garajalar bolsa, her öýden ýigrimi tylla ýa-da 5 funt sterling bilen 7 şilling tölemäge borçly edildi. Türkmen tireleriniň tölemeli salgytlary jemi 42,500 funt sterlinge barabardy. Bu san nemesleriň fransuzlardan ýygnan salgydyndanam köpdi. Onuňam üstesine, türkmenler fransuzlardan has garyp ýaşaýardylar.

Birki günden türkmenler bahasy birnäçe müň manada barabar bolan kümüş pullary, bilezikleri we

başga şaý-sepleri iberipdirler.

Birnäçe günden soň berkitmämizde geň galdyran waka boldy. Türkmenler pullary bolmansoň, atlaryny, düýelerini, halylaryny ýetmezlerini dolmak üçin äkeldiler. Getiren zatlaryny olar biziň ofiserlerimize gymmat bahadan satyp başladylar. Ruslaryň köpüsi ajaýyp türkmen atlarynyň ölemen aşygydy. Ol atlar geçen söweşlerde özlerini görkezip bilipdirler. Onuň üstesine-de, olaryň ýekejesinem ele salmak başartmandy. Türkmenler bu gezegem satmak üçin ýa-ha ýaramaz atlaryny getiripdirler, ýa-da olaryň aty ýomutlaryňkyça ýokdy. Olaryň getiren atlarynyň insiz döşi, edil towşanlaryňky ýaly ýerleşen aýagy, ullakan kelleleridir gulaklary, inçeden uzyn guýruklary bardy. Ýallary bolsa ýok diýen ýalydy. Leýtenent Stam Hywa ýörişinde ele salnan ata seredip, türkmenleriň atynyň tohumynyň zaýalanandygyny, hatda olaryň gyrgyzlaryňkyça-da ýokdugyny aýtdy. Men onuň hakyky türkmen atyny görmändigine kepilem geçip biljek. Türkmenler öz atlaryny aňsat-aňsat satmaýarlar...

Türkmenler getiren atlaryny ruslara örän gowy bahadan, ýagny 20 funt sterlingden 50 funt sterlinge çenli bahadan satdylar. Olaryň getiren halylarynam höwes bilen satyn alýardylar. Ýogsam olja alnan haly

öňem az däldi. Iň ýaman ýerem türkmenler halylaryny örän gymmat bahalaýardylar. 4 ýard uzynlygy, iki ýard ini bolan halylaryň bahasy 4 funt sterlingden 5 funt sterlinge çenlidi. Iň gyzykly ýerem türkmenler aýdýan bahalaryndan bir köpügem aşak düşmeýärdiler. Isleseň-ä aýdylan baha satyn al, islemeseňem öz ýoluň bilen gidiber.

Bu halylary türkmen aýallary dokaýar. Munuň ýaly nepis halylara başga ýerde aňsat duşmaýarsyňyz. Her maşgalanyň hiç hili üýtgeşiklere sezewar bolman nesilden nesle geçip gelýän öz nusgasy bar. Halylar gyzyldyr ak reňkli ýüňden dokalyp, olaryň käbir ýerinden inçejik ýaşyl we goňur zolaklar geçýär. Olaryň ömürem ýyrtyljak gümany ýok. Näçe geň görseňem, harby tölegiň agramlysyny aýallar töledi. Her bir türkmen aýalynyň kümüşden ýasalan bilezigi, monjugy, ildirgiçleri, gupbasy bolýar. Türkmenleriň atlaryndan başga esasy baýlygy şol şaý -seplerden ybaratdyr.

Kaufman şaý-sepleriň her funtyny ýigrimi bäş manatdan satyn aldy. Olar durşuna kümüşden bolup, ussat zergäriň elinden çykan zatlardy. Olaryň agramy-da ep-esli bardy. Iki bilezik bir funtdanam agyrdy. Olar ýukadan inli bolup, «S» harpyny ýada salýardy. Özlerem köplenç gyzyl çaýylan we maşat gaşlydy.

Ruslaryň doýmaz-dolmaz nebsini kanagatlandyrmak üçin türkmen aýallarynyň ýüregi gyýlandyr...

Ofiserler tarapyndan düzülen komissiýa on günläp kümüşleriň agramyny çekip, olara baha kesmek bilen meşgul boldy. Olar her gün ertirden agşama galman işlediler.

Kaufmanyň bellän möhletine çenli ýygnalmaly salgydyň diňe ýarysyna golaýy, ýagny 20 müň funt sterling kabul edilip alyndy. Türkmenleriň beýle uly mukdardaky salgydy näçe jan çekselerem gysga wagtyň içinde ýygnap bilmejekdiklerine gözi ýeten Kaufman galan 22 müň bäş ýüz funt sterlingi indiki ýyl ýygnamagy makul bildi.

Türkmenler beýle uly mukdardaky salgydy göwünjeňlik bilen beräýenlerinde hem bimäçe hepdäniň içinde ýygnap bilmejekdikleri göze görnüp durdy. Goşuna bolsa birinji sentýabra çenli, heniz sowuk düşmänkä çöllügiň içi bilen Buharanyň üstünden geçip, Daşkende tarap ýola düşmek hökmandy.

Dogrudanam türkmenlere uly möçberdäki salgydy ýygnamak kyndy. Pul ýetmezçiliginden başga-da, her öýden näçeräk salgyt ýygnamalydygyny hem anyklamalydy. Öň aýdyp geçişim ýaly, türkmenleriň

öz döwleti ýokdy. Olarda her öý üçin salgydy kesgitläp, tölemäge mejbur eder ýaly hiç kim ýa-da häkimiýet ýokdy. Olar ömür salgyt diýlen zady töläp görmänsoňlar, her hojalygyň näçeräk salgyt tölemelidigini, ony kesgitlemek üçin näme etmelidigini bilmeýärdiler. Salgydyň möçberi uly bolansoň, ýerli salgyt ýygnaýjylar guramasyny döretmek hökmandy. Kaufman olaryň ýaşulularyna kömek bermek maksady bilen, şular ýaly ýagdaýlarda näme etmelidigi barada görkezme berişdirýärdi. Kaufman olara salgydy her öýde näçe sygryň, goýnuň, atyň, düýäniň bardygyny hasaplap, şoňa görä ýygnamagy maslahat berdi. Emma ony türkmenlere düşündirmek kyndy. Olar kimiň maly köp bolsa, şonuň pulunyň azdygyny, şoňa görä-de, olaryň köp mukdarda pul töläp bilmejekdiklerini, pully adamlaryň bolsa pullaryny ýygnap goýup, umumy bähbitleriniň pul tölemekden boýun towlaýandyklaryny aýdýardylar. Kaufman olara pulsuz adamlaryň pullularyndan karz alyp, indiki ýyl onuň ýerine sygyr ýa-da goýun berseler boljakdygyny düşündirjek bolýardy. Ol ýaşululara puly hemmeleriň gatnaşmagynda karz almagy maslahat berdi. Gepiň gysgasy, ol türkmenlere milli bergini tölemek üçin öz guramalaryny döretmelidiklerini düşündirjek bolup, elinden geleni etdi. Emma bu

zatlar türkmenlere geňdi. Şonuň üçinem Kaufman olaryň öz aladalaryny özleriniň çözmelidigini aýdyp, ara goşulmagyny bes etdi...

*Iňlis dilinden terjime eden*

***Ýazgylyç Çaryýew***